Döwlet salgyt gul

# Girdejiler üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we fiskal boýun gaçyrmanyň öňüni almak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda

# YLALAŞYK

Türkmenistanyň Hökümeti we Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümeti girdejiler üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we fiskal boýun gaçyrmanyň öňüni almak hakynda Ylalaşyk baglaşmak isläp we iki ýurduň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmegi niýet edinip,

ŞULAR BARADA YLALAŞDY:

## 1-nji madda
## DEGIŞLI TARAPLAR

Şu Ylalaşyk Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem dahyllysy bolup durýan taraplar babatda ulanylýar.

## 2-nji madda
## DEGIŞLI SALGYTLAR

1. Şu Ylalaşyk salgydyň salnyş usulyna garamazdan, Şertleşýän Döwlet ýa-da onuň ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan alynýan girdejiler üçin salgytlar babatda ulanylýar.

2. Girdejileriň umumy möçberinden ýa-da onuň aýry-aýry böleklerinden alynýan ähli salgytlar, şol sanda gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan girdejilerden salgytlar, kärhanalar tarapyndan tölenýän aýlyk iş hakynyň ýa-da hak-heşdegiň umumy möçberinden alynýan salgytlar, şeýle hem maýanyň artmagyndan gelýän girdejilerden alynýan salgytlar girdeji üçin salgytlar hasaplanýar.

3. Ylalaşygyň degişli bolan bar bolan salgytlar, hususan-da, şulardyr:

a) Türkmenistanda:

(i) edara görnüşli taraplardan peýda (girdeji) üçin salgyt;

(ii) şahsy taraplardan girdeji üçin salgyt;

(mundan beýläk «Türkmenistanyň salgytlary» diýlip atlandyrylýar).

b) Hytaý Halk Respublikasynda:

(i) şahsy taraplardan girdeji salgydy;

(ii) kärhanalaryň girdejileri üçin salgyt;

(mundan beýläk «Hytaýyň salgytlary» diýlip atlandyrylýar);

gel. № 718
28. 12. 09y

4. Şeýle hem Ylalaşyk oňa gol çekilen senesinden soňra bar bolan salgytlara goşmaça alynýan ähli barabar ýa-da birmeňzeş salgytlar ýa-da olaryň ýerine alynýan salgytlar babatda ulanylýar. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary şeýle üýtgetmelerden soňra kabul ederlikli döwrüň dowamynda degişli salgyt kanunlaryna girizilen düýpli üýtgetmeler barada birek-biregi habarly ederler.

## 3-nji madda
## UMUMY KESGITLEMELER

1. Eger kontekstden başgaça many gelip çykmaýan bolsa, şu Ylalaşygyň maksatlary üçin:

a) «Türkmenistan» adalgasy Türkmenistanyň üstünde milli kanunçylyga we halkara hukugyna laýyklykda öz özygtyýarly hukuklaryny we ýurisdiksiýasyny amala aşyrýan çäklerini aňladýar;

b) «Hytaý» adalgasy Hytaý Halk Respublikasyny aňladýar; geografik manyda ulanylanda Hytaý Halk Respublikasynyň ähli çäklerini, şol sanda Hytaýyň salgyt salmaga degişli kanunlary degişli bolan onuň territorial deňzini we babatynda halkara hukugyna laýyklykda Hytaý Halk Respublikasynyň deňiz düýbüniň, onuň jümmüşiniň we olaryň üstünde ýerleşýän suw massasynyň gorlaryny barlamaga we işläp geçmäge özygtyýarly hukuklara eýe bolan onuň territorial deňziniň çäklerinden daşardaky islendik zolagy aňladýar;

ç) «Bir Şertleşýän Döwlet» we «beýleki Şertleşýän Döwlet» aňlatmalary kontekste baglylykda Hytaýy ýa-da Türkmenistany aňladýar;

d) «salgyt» adalgasy kontekste baglylykda Türkmenistanyň ýa-da Hytaýyň salgydyny aňladýar;

e) «tarap» adalgasy şahsy tarapy, kompaniýany we islendik beýleki taraplaryň birleşigini öz içine alýar;

f) «kompaniýa» adalgasy islendik korporatiw birleşigi ýa-da salgyt salmagyň maksatlary üçin, korporatiw birleşik hökmünde garalýan islendik beýleki guramany aňladýar;

g) «bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasy» we «beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasy» aňlatmalary degişlilikde bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany we beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany aňladýar;

h) «milli tarap» adalgasy şulary aňladýar:

(i) Şertleşýän Döwletiň raýatlygyna eýe bolan islendik şahsy tarapy;

(ii) Şertleşýän Döwletiň hereket edýän kanunçylygy esasynda şeýle derejäni alan islendik edara görnüşli tarapy, jemgyýeti ýa-da birleşigi;

i) «halkara gatnatmasy» aňlatmasy Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan ulanylýan deňiz, howa gämisi ýa-da awtoulag serişdesi bilen islendik gatnatmany aňladýar, diňe beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän nokatlaryň arasynda gatnatmalar üçin şeýle deňiz, howa ulagynyň ýa-da awtoulag serişdesiniň ulanylýan halatlary muňa girmeýär;

j) «ygtyýarly edara» adalgasy şulary aňladýar:

(i) Türkmenistanda – Maliýe ministrligini we Baş döwlet salgyt gullugyny ýa-da olaryň ygtyýarly edilen wekilini we;

(ii) Hytaýda – Döwlet Salgyt Administrasiýasyny ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekilini.

2. Ylalaşygy ulanmak barada aýdylanda bolsa, eger kontekst boýunça başgaça talap edilmeýän bolsa, Ylalaşykda kesgitlenmedik islendik adalga islendik wagt Şertleşýän Döwletde şol Döwletiň Ylalaşyk babatda salgytlar maksatlary üçin ulanylýan kanunynyň esasynda şol pursatda oňa berilýän mana eýe bolýar, şonuň bilen birlikde, şol Döwletiň ulanylýan salgyt kanunçylygynyň esasynda oňa berilýän islendik many şol Döwletiň beýleki kanunlarynyň esasynda adalga berilýän manydan ileri tutulýar.

## 4-nji madda
## DAHYLLYSY

1. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin «bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy» adalgasy şol Döwletiň kanunçylygy boýunça onda ýaşaýan ýeriniň, hemişelik bolýan ýeriniň, hasaba alnan ýeriniň, ýa-da şoňa meňzeş görnüşli islendik beýleki ölçegiň esasynda salgyt salynmaga degişli tarapy aňladýar, şeýle hem şol Döwleti ýa-da onuň ýerli häkimiýet edaralaryny öz içine alýar. Emma bu adalga şol Döwletde diňe şol Döwletde çeşmelerden girdejiler babatda salgyt salynmaga degişli tarapy öz içine almaýar.

2. 1-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda, şahsy tarap Şertleşýän Döwletleriň ikisiniň hem dahyllysy bolup duran halatynda, onuň statusy şu görnüşde kesgitlenýär:

a) ol diňe onuň oňa degişli hemişelik ýaşaýan ýeri bolan Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar; eger ol döwletleriň ikisinde-de oňa degişli hemişelik ýaşaýan ýerine eýe bolsa, onda ol onuň has ýakyn şahsy we ykdysady gatnaşyklary (möhüm bähbitleriniň merkezi) bolan Döwletiň dahyllysy hasaplanýar;

b) eger onuň möhüm bähbitleriniň merkezi bolan Döwletini kesgitläp bolmasa ýa-da Döwletleriň hiç birinde-de oňa degişli hemişelik ýaşaýan ýeri ýok bolsa, tarap diňe onuň adatça ýaşaýan Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar;

ç) eger ol adatça Döwletleriň ikisinde-de ýaşaýan bolsa ýa-da Döwletleriň ňiç birinde ýaşamaýan bolsa, ol milli tarapy bolup durýan Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar;

d) eger ol Döwletleriň ikisiniň hem milli tarapy bolup durýan bolsa ýa-da Döwletleriň hiç biriniň milli tarapy bolup durmaýan bolsa, onda Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary bu meseläni özara ylalaşyk boýunça çözýärler.

3. 1-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda, şahsy tarap bolup durmaýan tarap Şertleşýän Döwletleriň ikisiniň hem dahyllysy bolup duran halatynda onuň dahylly bolmak statusy özara ylalaşyk boýunça çözüler.

## 5-nji madda
## HEMIŞELIK WEKILÇILIK

1. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin «hemişelik wekilçilik» adalgasy üsti bilen kärhananyň telekeçilik işi dolulygyna ýa-da bölekleýin amala aşyrylýan işiň hemişelik ýerini aňladýar.

2. «Hemişelik wekilçilik» adalgasy, hususan-da, şulary öz içine alýar:

a) dolandyryş ýerini;

b) şahamçany;

ç) edara jaýyny;

d) fabrigi;

e) ussahanany; we

f) şahtany; nebit ýa-da gaz guýusyny, karýeri ýa-da tebigy baýlyklary gözlemek, çykarmak we işläp geçmek bilen baglanyşykly islendik beýleki ýeri.

3. Şeýle hem «hemişelik wekilçilik» adalgasy şulary:

a) gurluşyk meýdançasyny, gurluşyk, gurnama ýa-da ýygnaýyş işleriniň alnyp barylýan desgasyny ýa-da agzalan desgalar bilen bagly gözegçilik işini, ýöne diňe şeýle meýdança, desga ýa-da iş on iki aýdan köp dowam eden halatynda;

b) hyzmatlary etmegi, şol sanda kärhana tarapyndan işgärleriniň ýa-da bu maksat üçin kärhana tarapyndan hakyna tutulýan beýleki işgärleriň üsti bilen maslahat beriş hyzmatlaryny, ýöne diňe şeýle görnüşli iş (şol bir ýa-da garyşyk taslamanyň çäklerinde) Şertleşýän Döwletde islendik on iki aýlyk döwrüň dowamynda jemi 183 günden ybarat döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda amala aşyrylan halatynda öz içine alýar.

4. Şu Maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, «hemişelik wekilçilik» adalgasy şulary öz içine almaýar:

a) desgalaryň diňe kärhana degişli harytlary ýa-da önümleri saklamak ýa-da görkezmek, ýa-da olar bilen üpjün etmek maksatlary üçin ulanylmagyny;

b) kärhana degişli harytlaryň we önümleriň ätiýaçlyklarynyň diňe saklamak ýa-da görkezmek, ýa-da üpjün etmek maksatlary üçin saklanmagyny;

ç) kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň ätiýaçlyklarynyň diňe beýleki kärhana tarapyndan gaýtadan işlenmeginiň maksatlary üçin saklanmagyny;

d) işiň hemişelik ýeriniň diňe harytlary ýa-da önümleri satyn almak, ýa-da kärhana üçin maglumatlary toplamak üçin saklanmagyny;

e) işiň hemişelik ýeriniň diňe kärhana üçin islendik beýleki taýýarlyk ýa-da kömekçi görnüşli işi amala aşyrmak maksatlary bilen saklanmagyny;

f) işiň hemişelik ýerinde şeýle utgaşdyrmanyň netijesinde ýüze çykýan işiň jemi taýýarlyk ýa-da kömekçi görnüşli bolan halatynda, işiň hemişelik ýeriniň diňe (a)-dan (e) çenli kiçi bölümlerde sanalyp geçilen işiň görnüşleriniň islendik utgaşdyrylmasyny amala aşyrmak üçin saklanmagyny.

5. 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünlerine garamazdan, eger garaşsyz statusy bolan agentden başga, 6-njy bölümde bellenýän tarap Şertleşýän Döwletde beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň adyndan hereket edýän bolsa, eger diňe şeýle tarapyň işi 4-nji bölümde görkezilýän iş bilen çäklenmeýän bolsa, şol iş eger şu bölümiň düzgünlerine laýyklykda işiň hemişelik ýeriniň üsti bilen amala aşyrylýan bolsa, şol işiň hemişelik ýerini hemişelik wekilçilige öwürmeýän bolsa, onuň kärhananyň adyndan şertnamalary baglaşmaga ygtyýarlyklary bar we adatça olary ulanýan bolsa, onda şol kärhana şol tarapa kärhana üçin amala aşyrýan islendik işi babatda birinji bellenip geçilen Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçiligi bar bolan kärhana hökmünde garalýar.

6. Eger kärhana özüniň telekeçilik işini şol Döwletde brokeriň, komissioneriň ýa-da garaşsyz statusy bolan islendik beýleki agentiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, şeýle hem bu taraplar özüniň adaty işiniň çäklerinde hereket edýän bolsalar, kärhana Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçiligi bar kärhana hökmünde garalmaýar. Emma eger şeýle agentiň işi şol kärhananyň adyndan doly ýa-da doly diýen ýaly bir ýere jemlenen bolsa, onda şu bölümiň çäklerinde oňa garaşsyz statusy bolan agent hökmünde garalmaz.

7. Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýanyň gözegçilik etmegi ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa tarapyndan gözegçilik edilmegi ýa-da kompaniýanyň şol beýleki Döwletde telekeçilik işini (ýa-da hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen, ýa-da haýsy-da bolsa bir başga görnüşde) amala aşyrmagy, şol kompaniýalaryň birini öz-özünden beýleki kompaniýanyň hemişelik wekilçiligine öwürmeýär.

## 6-njy madda
## GOZGALMAÝAN EMLÄKDEN ALYNÝAN GIRDEJILER

1. Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläkden alynýan girdejilere (şol sanda oba we tokaý hojalygyndan girdejä) şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. «Gozgalmaýan emläk» adalgasy garalýan emlägiň ýerleşýän Şertleşýän Döwletinde onuň eýe bolýan manysyna eýe bolmalydyr. Islendik ýagdaýda-da bu adalga gozgalmaýan emläk babatda kömekçi emlägi, oba we tokaý hojalygynda ulanylýan mallary we enjamlary, ýer eýeçiligi babatda umumy hukugyň düzgünleri ulanylýan hukuklary, gozgalmaýan emlägiň uzufruktyny we mineral serişdeleriň, çeşmeleriň we beýleki gazylyp alynýan tebigy baýlyklaryň işlenip geçilmegi üçin, ýa-da işläp geçmäge hukuklar üçin öwezini dolma hökmünde tölenýän, üýtgeýän we bellenen tölegleri hukuklary öz içine almalydyr; deňiz, howa gämilerine ýa-da ýerüsti ulaglaryna gozgalmaýan emläk hökmünde garalmaýar.

3. 1-nji bölümiň düzgünleri gozgalmaýan emlägi göni ulanmakdan, kärendä bermekden ýa-da islendik beýleki görnüşde ulanmakdan alynýan girdejiler babatda-da ulanylýar.

4. 1-nji we 3-nji bölümleriň düzgünleri kärhananyň gozgalmaýan emläginden girdejiler we garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek üçin ulanylýan gozgalmaýan emläkden girdejiler babatda-da ulanylýar.

### 7-nji madda
### TELEKEÇILIK IŞINDEN ALYNÝAN PEÝDA

1. Eger diňe şeýle kärhana telekeçilik işini beýleki Şertleşýän Döwletde şol ýerde ýerleşen hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrmaýan bolsa, Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň peýdasyna diňe şol Döwletde salgyt salynýar. Eger kärhana telekeçilik işini şeýle ýol bilen amala aşyrýan bolsa, onda onuň peýdasyna beýleki Döwletde, ýöne diňe onuň şol hemişelik wekilçilige degişli bölegine salgyt salnyp bilner.

2. 3-nji bölümiň düzgünlerini nazara almak bilen, Şertleşýän Döwletiň kärhanasy beýleki Şertleşýän Döwletde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan halatynda, onda her bir Şertleşýän Döwletde şol hemişelik wekilçilige eger ol şeýle ýa-da şoňa meňzeş iş bilen, şeýle ýa-da şoňa meňzeş şertlerde meşgullanýan aýrybaşgalanan we aýratyn kärhana bolan bolsa we onuň hemişelik wekilçiligi bolup durýan kärhanasyndan bütinleý garaşsyz ýagdaýda hereket edýän ýagdaýynda onuň alyp biljek peýdasy degişlidir.

3. Hemişelik wekilçiligiň peýdasy kesgitlenende hemişelik wekilçiligiň maksatlary üçin çykarylan çykdajylary, şol sanda dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylaryny, şol çykdajylaryň hemişelik wekilçiligiň ýerleşýän Döwletinde ýa-da nirede edilendigine garamazdan, hasaplap aýyrmaga ýol berilýär.

4. Eger Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçilige degişli kärhananyň peýdasynyň umumy möçberini onuň dürli birlikleri boýunça barabarlykda paýlamagyň esasynda kesgitlemek adaty tejribe bolsa, 2-nji bölümde hiç bir zat şol Şertleşýän Döwlete onuň kabul edilip bilinjek görnüşinde salgyt salynmaga degişli peýdany şeýle barabarlykda paýlamak arkaly kesgitlemegi gadagan etmeýär; şonuň bilen birlikde barabar paýlamagyň ulanylan usuly onuň netijeleri şu maddada bellenen ýörelgelere laýyk geler ýaly bolmalydyr.

5. Hiç bir peýda diňe şol hemişelik wekilçiligiň harytlary ýa-da önümleri kärhana üçin satyn almagynyň esasynda hemişelik wekilçilige hasaplanyp geçirilmez.

6. Ýokardaky bölümleriň maksatlary üçin, eger ony üýtgetmek üçin esasly we ýeterlik sebäp bolmasa, hemişelik wekilçilige degişli peýda her ýyl şol bir usul boýunça kesgitlenýär.

7. Eger peýda olar barada şu Ylalaşygyň beýleki Maddalarynda aýratyn bellenýän girdejileriň görnüşlerini öz içine alýan bolsa, şol Maddalaryň düzgünlerine şu Maddanyň düzgünleri täsir etmeýär.

## 8-nji madda
## HALKARA GATNATMASY

1. Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan deňiz, howa gämilerini ýa-da ýerüsti ulaglaryny halkara gatnatmasynda ulanmakdan alynýan peýda diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

2. 1-nji bölümiň düzgünleri pula, bilelikdäki kärhana ýa-da gatnatmalar boýunça halkara agentligine gatnaşmakdan alynýan peýda babatda hem ulanylýar.

## 9-njy madda
## ASSOSIIRLENEN KÄRHANALAR

1. Eger:

a) Şertleşýän Döwletleriň biriniň kärhanasy beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşýan bolsa, ýa-da

b) şol bir taraplar Şertleşýän Döwletleriň biriniň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna we beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşýan bolsa,

we her bir halatda şol iki kärhananyň arasynda olaryň täjirçilik ýa-da maliýe babatda özara gatnaşyklarynda garaşsyz kärhanalaryň arasynda göz öňünde tutulyp bilinjek şertlerden tapawutlanýan şertler göz öňünde tutulan ýa-da bellenen bolsa, onda şeýle şertleriň ýok ýagdaýynda şol kärhanalaryň biri tarapyndan alnyp bilinjek, ýöne şeýle şertleriň bardygy sebäpli, alnyp bilinmedik islendik peýda şol kärhananyň peýdasyna goşulyp we degişli salgyt salnyp bilner.

2. Şertleşýän Döwletleriň biri şol Döwletiň kärhanasynyň peýdasyny goşan we degişlilikde beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasyna şol beýleki Döwletde peýda bilen baglanyşykly salgyt salynýan peýda salgyt salan halatynda we şeýle usul bilen goşulan peýda bellenip geçilen Döwletleriň birinjisiniň kärhanasy tarapyndan alnyp bilinjek peýda bolup duran halatynda, eger şol iki kärhananyň arasyndaky gatnaşyklarda göz öňünde tutulan şertler garaşsyz kärhanalaryň arasynda göz öňünde tutulan şertlere meňzeş bolsa, onda şol beýleki Döwlet şol peýdadan onuň alýan salgydynyň möçberine degişli düzedişleri girizer. Şeýle düzediş kesgitlenende şu Ylalaşygyň beýleki düzgünleri degişli derejede göz öňünde tutular we Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary zerur halatda biri-biri bilen geňeşerler.

## 10-njy madda
## DIWIDENDLER

1. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenýän diwidendlere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma şeýle göterimlere olaryň döreýän Şertleşýän Döwletinde hem şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner, ýöne eger göterimleriň eýesi – benefisiar beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, onda şeýle usul bilen salynýan salgyt göterimleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden geçmeli däldir.

Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary özara ylalaşyk boýunça şol çäklendirmäni ulanmagyň usulyny belleýärler.

3. 2-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan we tölenen göterimler ýa-da Hökümet, syýasy düzüm birligi ýa-da ýerli häkimiýet edaralary, Merkezi bank ýa-da dolulygyna beýleki Şertleşýän Döwletiň Hökümetine degişli islendik maliýe edarasy tarapyndan kepillendirilýän ýa-da berilýän karzlar boýunça göterimler birinji bellenen Döwletde salgytdan boşadylar.

4. 3-nji bölümi ulanmak maksatlary üçin, «Hökümet» adalgasy:

a) Türkmenistanda Türkmenistanyň Hökümetini aňladýar we şulary öz içine alýar:

(i) Türkmenistanyň Merkezi bankyny; we

(ii) dolulygyna Türkmenistanyň Hökümetine degişli islendik edarany, şol edara Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralarynyň arasynda soňra ylalaşylyp bilner.

b) Hytaýda Hytaýyň Hökümetini aňladýar we şulary öz içine alýar:

(i) Hytaýyň Halk Bankyny;

(ii) Hytaý Ösüş Bankyny;

(iii) Hytaýyň Oba hojalyk Ösüş Bankyny;

(iv) Hytaýyň Eksport-import Bankyny;

(v) Durmuş taýdan üpjünçilik Milli Gaznasyny;

(vi) Hytaýyň Eksport we Karzy Ätiýaçlandyryş Korporasiýasyny; we

(vii) dolulygyna Hytaýyň Hökümetine degişli islendik edarany, şol edara Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralarynyň arasynda soňra ylalaşylyp bilner.

5. «Göterimler» adalgasy şu maddada ulanylanda, ipoteka üpjünçiligine we bergidaryň peýdalaryna gatnaşmak üçin hukugyň bardygyna garamazdan, islendik görnüşdäki bergi talapnamalaryndan girdejini we hususan-da, döwlet gymmatly kagyzlaryndan we obligasiýalaryndan ýa-da bergi borçnamalaryndan girdejini, şol sanda şol gymmatly kagyzlar, obligasiýalar ýa-da bergi borçnamalary boýunça hak-heşdekleri we utuşlary aňladýar. Tölegleriň öz wagtynda geçirilmändigi üçin jerimelere şu Maddanyň maksatlary üçin göterimler hökmünde garalmaýar.

6. Eger Şertleşýän Döwletleriň biriniň dahyllysy bolup durýan göterimleriň eýesi – benefisiar göterimleriň ýüze çykýan beýleki Şertleşýän Döwletinde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadyndan garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa we esasynda göterimler tölenýän bergi talapnamasy, hakykatdan-da, şeýle hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada degişli bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar.

2. Emma şeýle diwidendleri töleýän kompaniýanyň Şertleşýän Döwletinde hem şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner, ýöne eger diwidendleriň eýesi – benefisiar beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup duryan bolsa, şeýle usulda alynýan salgyt şu möçberlerden geçmeli däldir:

eger diwidendleriň eýesi – benefisiar (jemgyýetden başga) diwidendleri töleýän kompaniýanyň maýasynyň azyndan 25 göterimi göni degişli kompaniýa bolup duryan bolsa, diwidendleriň jemi möçberiniň 5 göteriminden;

ähli beýleki halatlarda diwidendleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden.

Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary özara ylalaşyk boýunça şol çäklendirmäni ulanmagyň usulyny belleýärler.

Şu bölüm diwidendleriň tölenýän peýdasy babatda kompaniýa salgyt salynmagyna täsir etmeýär.

3. Şu Maddada ulanylýan «diwidendler» adalgasy bergi talapnamalary bolup durmaýan, peýda gatnaşmaga hukuk berýän paýnamalardan ýa-da beýleki hukuklardan alnan girdejini, şeýle hem peýdany paýlaýan kompaniýanyň dahyllysy bolup durýan şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda paýnamalardan alnan girdeji ýaly şeýle salgyt düzgünleşdirilmesine degişli beýleki korporatiw hukuklardan girdejini aňladýar.

4. Eger bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan diwidendleriň eýesi – benefisiar telekeçilik işini diwidendleri töleýän kompaniýanyň dahyllysy bolup durýan beýleki Şertleşýän Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadyndan we holdinginden garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa, babatynda diwidendler tölenýän holding, hakykatdan-da, şeýle hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada degişli bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji Maddanyň ýa-da 14-nji Maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa beýleki Şertleşýän Döwletden peýda ýa-da girdejileri alan halatynda, şol beýleki Döwlet şol kompaniýa tarapyndan tölenýän diwidendlerden islendik salgydy alyp bilmez. Eger şol diwidendler şol beýleki Döwletiň dahyllysyna tölenýän bolsa ýa-da eger babatynda diwidendler tölenýän holding, hakykatdan-da şol beýleki Döwletde ýerleşýän hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada degişli bolsa we kompaniýanyň paýlanmadyk peýdasyna salgyt salyp bilmese, hatda eger diwidendler şol beýleki Döwletde emele gelýän peýdadan ýa-da girdejiden dolulygyna ýa-da bölekleýin tölenýän ýa-da paýlanmadyk peýda şol beýleki Döwletde emele gelýän peýdadan ýa-da girdejiden dolulygyna ýa-da bölekleýin ybarat bolsa muňa girmeýär.

## 11-nji madda
## GÖTERIMLER

1. Bir Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan we beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenýän göterimlere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda şu Ylalaşygyň 7-nji Maddasynyň ýa-da 14-nji Maddasynyň düzgünleri ulanylýar.

7. Eger şol Döwletiň Hökümeti, onuň ýerli häkimiýet edarasy ýa-da şol Döwletiň dahyllysy töleýji bolup durýan bolsa, göterimler Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan hasaplanýar. Eger-de, göterimleri töleýän tarapyň onuň Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýandygyna ýa-da durmaýandygyna garamazdan, Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady bar bolup, şolar bilen baglylykda bergi ýüze çykyp, bergi boýunça göterimler tölenýän bolsa we şol göterimleri tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, onda şeýle göterimler hemişelik wekilçiligiň ýa-da hemişelik binýadyň ýerleşýän Döwletinde ýüze çykýar diýlip hasaplanýar.

8. Eger töleýji bilen hususyýetçiniň – benefisiaryň arasyndaky ýa-da olaryň ikisi bilen haýsy-da bolsa bir üçünji tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli, bergi talapnamasyna degişli, esasynda tölenýän göterimleriň möçberi töleýji bilen hususyýetçiniň – benefisiaryň arasynda ylalaşylan göterimleriň möçberinden geçýän bolsa, şeýle gatnaşyklaryň ýok ýagdaýynda, onda şu Maddanyň düzgünleri diňe soňky bellenip geçilen möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artyk bölegi Şertleşýän Döwletleriň her biriniň kanunçylygyna laýyklykda, şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerini degişli derejede nazara almak bilen, öňküsi ýaly salgyt salynmaga degişlidir.

## 12-nji madda
## ROÝALTI

1. Bir Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan we beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenýän roýaltilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma şeýle roýaltilere olaryň ýüze çykýan Şertleşýän Döwletinde şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner, ýöne eger roýaltileriň eýesi – benefisiar beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, onda şeýle halatda alynýan salgyt roýaltileriň umumy möçberiniň 10 göteriminden geçmeli däldir. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary şol çäklendirmäni ulanmagyň usullary babatda özara ylalaşyga gelmelidirler.

3. «Roýalti» adalgasy şu Maddada ulanylanda edebi, sungat ýa-da ylmy eserleriň, şol sanda kinematografik filmleriň ýa-da islendik patentiň, söwda nyşanynyň, dizaýnyň ýa-da modeliň, meýilnamanyň, gizlin formulanyň ýa-da prosesiň peýdalanylandygy ýa-da olary peýdalanmak üçin hukugyň berlendigi, ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy enjamlaryň ulanylandygy, ýa-da ulanmak üçin hukugyň berlendigi, ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak-heşdek hökmünde alynýan islendik görnüşdäki tölegleri aňladýar.

4. Eger Şertleşýän Döwletleriň biriniň dahyllysy bolup durýan roýaltileriň eýesi – benefisiar roýaltileriň ýüze çykýan beýleki Şertleşýän Döwletinde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik

binýadyndan garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa we babatynda roýaltiler tölenýän hukuk ýa-da emläk, hakykatdan-da, şol hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat bilen baglanyşykly bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji Maddanyň ýa-da 14-nji Maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Töleýji şol Döwletiň dahyllysy bolup durýan halatynda roýaltiler Şertleşýän Döwletde ýüze çykýan hasaplanýar. Eger-de roýaltileri töleýän tarapyň onuň Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýandygyna ýa-da durmaýandygyna garamazdan, Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady bolup, şolar bilen baglylykda bergi ýüze çykyp, bergi boýunça roýaltiler tölenýän bolsa we şol roýaltileri tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, onda roýaltiler hemişelik wekilçiligiň ýa-da hemişelik binýadyň ýerleşýän Döwletinde ýüze çykýar diýlip hasaplanýar.

6. Eger töleýji bilen hakyky eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisi bilen haýsy-da bolsa bir üçünji tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli, ulanmaga, hukuga ýa-da maglumatlara degişli, esasynda tölenýän roýaltileriň möçberi şeýle gatnaşyklaryň ýok ýagdaýynda töleýji bilen hususyýetçiniň – benefisiaryň arasynda ylalaşylan möçberden geçýän bolsa, onda şu Maddanyň düzgünleri diňe soňky bellenip geçilen möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artyk bölegine, Şertleşýän Döwletleriň her biriniň kanunçylygyna laýyklykda şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerini degişli derejede nazara almak bilen, öňküsi ýaly salgyt salynmaga degişlidir.

## 13-nji madda
## EMLÄGIŇ BAHASYNYŇ ARTYŞY

1. Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan onuň 6-njy Maddada kesgitlenişi ýaly we beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Bir Şertleşýän Döwletiň beýleki Şertleşýän Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiliginiň täjirçilik emläginiň bir bölegini düzýän gozgalýan emlägi ýa-da bir Şertleşýän Döwletiň ygtyýaryndaky we beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşýän gozgalýan emlägi garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek üçin aýrybaşgalamakdan alnan girdejilere, şol sanda şeýle hemişelik wekilçiligi aýratynlykda ýa-da tutuş kärhanany, ýa-da hemişelik binýady aýrybaşgalamakdan alynýan şeýle girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz, howa gämilerini ýa-da ýerüsti ulaglaryny, ýa-da olaryň ulanylmagy bilen bagly gozgalýan emlägi aýrybaşgalamakdan alnan girdejilere diňe şol Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

4. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletiň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň gönüden-göni ýa-da

gytaklaýyn bahasynyň paýynyň 50 göterimden köpüsini düzýän paýnamalaryň aýrybaşgalanmagyndan alnan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

5. 1-nji, 2-nji, 3-nji we 4-nji bölümlerde bellenýän emläkden başga, islendik beýleki emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan girdejilere diňe emlägi aýrybaşgalaýan tarapyň dahyllysy bolup durýan Şertleşýän Döwletinde salgyt salynýar.

## 14-nji madda
## GARAŞSYZ ŞAHSY HYZMATLAR

1. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň professional hyzmatlary etmekden ýa-da garaşsyz görnüşli beýleki işden alýan girdejisine diňe şol Döwletde salgyt salynýar. Şeýle girdejä beýleki Şertleşýän Döwletde hem salgyt salnyp bilinjek şu ýagdaýlary muňa girmeýär:

a) eger öz işini amala aşyrmak maksady bilen, onda beýleki Şertleşýän Döwletde yzygiderli barlyp bolunýan hemişelik binýady bar bolsa, şeýle halatda diňe şol hemişelik binýada degişli girdeji boýunça şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner; ýa-da

b) eger onuň beýleki Şertleşýän Döwletde bolmagy islendik 12 aýlyk döwürde jemi 183 güne deň bolan ýa-da 183 günden geçýän döwürden ýa-da döwürlerden ybarat bolsa, şol halatda diňe onuň şol beýleki Döwletde amala aşyrýan işinden alnan girdeji boýunça şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. «Professional hyzmatlar» aňlatmasy, hususan-da, garaşsyz ylmy, edebiýat, artistçilik ýa-da mugallymçylyk işini, şeýle hem lukmanlaryň, aklawjylaryň, inženerleriň, binagärleriň, diş lukmanlarynyň we hasapçylaryň garaşsyz işini öz içine alýar.

## 15-nji madda
## GARAŞLY ŞAHSY HYZMATLAR

1. Eger diňe hakyna tutma boýunça iş beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylmaýan bolsa, 16-njy, 18-nji, 19-njy, 20-nji we 21-nji Maddalaryň düzgünlerini nazara almak bilen, Şertleşýän Döwletleriň biriniň dahyllysy tarapyndan hakyna tutma iş bilen bagly alynýan haka, aýlyk iş hakyna we beýleki şoňa meňzeş hak-heşdeklere diňe şol Döwletde salgyt salynýar. Eger hakyna tutma boýunça iş hut şeýle amala aşyrylýan bolsa, onda onuň üçin alynýan hak-heşdege şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. 1-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Şertleşýän Döwletleriň biriniň dahyllysy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletde hakyna tutma boýunça amala aşyrylýan iş üçin alynýan hak-heşdege diňe birinji bellenip geçilen Döwletde, eger:

a) alýan tarap beýleki Döwletde islendik 12 aýlyk döwürde jemi 183 günden geçmeýän döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda bolýan bolsa, we

b) hak-heşdek beýleki Döwletiň dahyllysy bolup durmaýan iş beriji ýa-da iş berijiniň adyndan tölenýän bolsa, we

ç) hak-heşdekleri tölemek boýunça çykdajylary iş berijiniň beýleki Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady çekýän bolsa, salgyt salnyp bilner.

3. Şu Maddanyň öňde bellenen düzgünlerine garamazdan Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz, howa gämisiniň bortunda ýa-da ýerüsti ulaglarynda hakyna tutma boýunça amala aşyrylýan iş bilen bagly alynýan hak-heşdege diňe şol Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

## 16-njy madda
## DIREKTORLARYŇ HAKLARY

Şertleşýän Döwletleriň biriniň dahyllysy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýanyň direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alýan direktorlaryň haklaryna we beýleki şoňa meňzeş töleglerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 17-nji madda
## ARTISTLER WE SPORTSMENLER

1. 14-nji we 15-nji Maddalaryň düzgünlerine garamazdan, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan teatr, kino, radio ýa-da telewideniýe artisti ýaly sungat işgäri hökmünde, ýa-da sazanda, ýa-da sportsmen hökmünde şeýle görnüşde beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylýan onuň şahsy işinden alynýan girdejä şol beýleki Döwletde salgytlar salnyp bilner.

2. Eger sungat işgäri ýa-da sportsmen tarapyndan şol öz işi boýunça amala aşyrylýan şahsy işinden alýan girdejisi sungat işgäriniň ýa-da sportsmeniň özüne däl-de, başga tarapa hasaplanyp geçirilýän bolsa, 7-nji, 14-nji we 15-nji Maddalaryň düzgünlerine garamazdan, şol girdejä sungat işgäriniň ýa-da sportsmeniň işiniň amala aşyrylýan Şertleşýän Döwletinde salgytlar salnyp bilner.

3. Şu Maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan sungat işgärleri ýa-da sportsmenler tarapyndan iki Şertleşýän Döwletiň Hökümetleriniň arasyndaky medeni alyşma maksatnamasyna laýyklykda, beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylýan işden alynýan girdeji şol beýleki Döwletde salgytdan boşadylýar.

## 18-nji madda
## PENSIÝALAR

1. 19-njy Maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerini nazara almak bilen, Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna hakyna tutma boýunça öňki işi bilen bagly tölenýän pensiýalara we beýleki şoňa meňzeş hak-heşdeklere diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. 1-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Şertleşýän Döwletiň Hökümeti ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasy tarapyndan şol Döwletiň durmuş taýdan ätiýaçlandyryş ulgamynyň durmuş taýdan üpjünçilik ugry boýunça tölenýän pensiýalara we beýleki şoňa meňzeş hak-heşdeklere diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

## 19-njy madda
## DÖWLET GULLUGY

1. a) Pensiýadan başga, Şertleşýän Döwletiň Hökümeti ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasy tarapyndan şol Döwletiň Hökümetine ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasyna döwlet häsiýetli borçnamalar ýerine ýetirilende edilýän hyzmatlar babatda şahsy tarapa tölenýän hak-heşdege diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

b) Emma, eger hyzmatlar şol Döwletde edilýän we şahsy tarap şol Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, ol:

(i) şol Döwletiň milli tarapy bolup durýan bolsa, ýa-da

(ii) diňe hyzmatlary etmek maksady bilen, şol Döwletiň dahyllysyna öwrülmedik bolsa, şeýle hak-heşdege diňe beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

2. a) Şertleşýän Döwletiň Hökümeti ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasy tarapyndan, ýa-da olaryň döreden gaznalarynyň hasabyna şahsy tarapa şol Döwletiň Hökümetine ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasyna edilen hyzmatlar üçin tölenýän islendik pensiýa diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

b) Emma, eger şahsy tarap şol Döwletiň dahyllysy ýa-da milli tarapy bolup durýan bolsa, şeýle pensiýa diňe beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

3. 15-nji, 16-njy, 17-nji we 18-nji Maddalaryň düzgünleri telekeçilik işi bilen baglanyşykly edilen hyzmatlar babatda Şertleşýän Döwlet ýa-da onuň ýerli häkimiýet edarasy tarapyndan amala aşyrylýan hak-heşdek we pensiýalar babatda ulanylýar.

## 20-nji madda
## MUGALLYMLAR WE YLMY IŞGÄRLER

1. Beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan ýa-da Şertleşýän Döwletleriň birine gelmeziniň öňüsyrasynda beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup duran we birinji bellenen Döwletde birinji bellenen Döwletiň Hökümeti tarapyndan ykrar edilen uniwersitetde, kollejde, mekdepde ýa-da bilim, ýa-da ylmy-barlag edarasynda diňe okatmak, leksiýalary okamak, ýa-da barlaglary geçirmek maksady bilen bolýan şahsy tarap tarapyndan alynýan hak-heşdege birinji bellenen Döwletde onuň birinji bellenen Döwlete ilkinji gezek gelen senesinden üç ýylyň dowamynda salgyt salynmaýar.

2. Eger şeýle barlaglar döwlet bähbitleri üçin däl-de, esasan, aýratyn tarapyň ýa-da taraplaryň şahsy bähbidi üçin geçirilýän bolsa, barlaglardan alnan girdejä şu Maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri ulanylmaýar.

**21-nji madda**
**TALYPLAR**

1. Beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup duryan ýa-da bir Şertleşýän Döwlete gönüden-göni gelmegine çenli beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup duran we birinji bellenen Döwletde okamak maksady bilen bolýan talybyň alýan we ony saklamak, okatmak üçin niýetlenen töleglerine eger şeýle tölegleriň ýüze çykýan çeşmeleri şol Döwletiň çäklerinden daşarda ýerleşýän bolsa, şol Döwletde salgyt salynmaýar.

2. 1-nji bölümde agzalmadyk hakyna tutma iş üçin grandlar, talyp haklary we hak-heşdekler babatda goşmaça 1-nji bölümde görkezilen talybyň onuň gelýän Döwletinde dahyllylara berlişi ýaly, şeýle okuwyň dowamynda şeýle ýeňilliklere, kemeltmelere ýa-da salgytlar boýunça hasaplap aýyrmalara hukugy bardyr.

**22-nji madda**
**BEÝLEKI GIRDEJILER**

1. Şertleşýän Döwletleriň biriniň dahyllysynyň şu Ylalaşygyň öňki Maddalarynda bellenip geçilmedik girdejileriniň görnüşlerine, olaryň ýüze çykan ýerine garamazdan, diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Eger şeýle girdejileri alýan tarap Şertleşýän Döwletleriň biriniň dahyllysy bolmak bilen, telekeçilik işini beýleki Şertleşýän Döwletde şol ýerde ýerleşen hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadyndan garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa, baglylykda girdeji alnan hukuk ýa-da emläk, hakykatdan-da, şeýle hemişelik wekilçilik, ýa-da hemişelik binýat bilen baglanyşykly bolsa, 1-nji bölümiň düzgünleri 6-njy Maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlenen gozgalmaýan emläkden alnan girdejilerden başga girdejiler babatda ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji Maddanyň ýa-da 14-nji Maddanyň düzgünleri ulanylýar.

**23-nji madda**
**IKI GEZEK SALGYT SALYNMAGYNY ARADAN AÝYRMAGYŇ USULLARY**

1. Türkmenistanda iki gezek salgyt salynmagy şu usul bilen aradan aýrylar:

a) eger Türkmenistanyň dahyllysy şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda, Hytaýda salgyt salnyp bilinjek girdejini alýan bolsa, Türkmenistan şol dahyllynyň girdeji üçin salgydyndan Hytaýda tölenen girdeji üçin salgyda barabar möçberi hasaplap aýyrmaga mümkinçilik berer. Emma şeýle hasaplap aýyrmanyň möçberi

islendik ýagdaýda Hytaýda alnan girdejä degişli hasaplap aýyrma berilýänçä hasaplanan salgydyň böleginden geçmeli däldir;

b) eger Ylalaşygyň islendik düzgünine laýyklykda, Türkmenistanyň dahyllysynyň alan girdejisi Türkmenistanda salgytdan boşadylan bolsa, Türkmenistan muňa garamazdan, şol dahyllynyň girdejisiniň galan bölegi üçin salgydyň möçberi hasaplananda salgytdan boşadylan girdejini göz öňünde tutup biler.

2. Hytaýda iki gezek salgyt salynmagy şu usul bilen aradan aýrylar:

a) eger Hytaýyň dahyllysy Türkmenistanda girdeji alýan bolsa, şeýle girdeji üçin şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda, Türkmenistana tölenmäge degişli salgydyň möçberi şeýle dahyllydan alynýan hytaý salgydy hasaplanyp, aýrylyp bilner. Emma hasaplap aýyrmanyň möçberi şeýle girdeji üçin Hytaýyň salgyt kanunçylygyna we kadalaryna laýyklykda hasaplanan hytaý salgydynyň möçberinden geçmeli däldir.

b) eger girdeji Türkmenistandan alnan bolsa, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durýan kompaniýa tarapyndan Hytaýyň dahyllysy bolup durýan we diwidendleri töleýän kompaniýanyň paýnamalarynyň azyndan 20 göterimine eýeçilik edýän kompaniýa tölenýän diwidendlerde öz girdejisi babatda diwidendleri töleýän kompaniýa tarapyndan Türkmenistanda tölenen salgyt hasaba alynmalydyr.

## 24-nji madda
## KEMSITMEZLIK

1. Bir Şertleşýän Döwletiň milli taraplary beýleki Şertleşýän Döwletde şol beýleki Döwletiň milli taraplarynyň birmeňzeş ýagdaýlarda salgyt salynmaga we onuň bilen baglanyşykly borçnamalara sezewar edilýän we sezewar edilip bilinjek salgyt salynmagyndan ýa-da onuň bilen baglanyşykly borçnamadan başga, ýa-da has agyrlaşdyrýan salgyt salynma, ýa-da onuň bilen baglanyşykly borçnama, hususan-da, rezidensiýa babatda sezewar edilmeýär. 1-nji Maddanyň düzgünlerine garamazdan, şu düzgün Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem dahyllysy bolup durmaýan taraplar babatda-da ulanylýar.

2. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiligine salgyt salynmagy şol beýleki Döwletiň şol beýleki Döwletde birmeňzeş işi amala aşyrýan kärhanasyna salgyt salynmagyndan pes däl derejede amatly bolmalydyr. Şu düzgün bir Şertleşýän Döwleti onuň özüniň hususy dahyllylaryna olaryň raýatlyk statusynyň ýa-da maşgala borçnamalarynyň esasynda berýän haýsy-da bolsa bir şahsy ýeňillikleri, hasaplap aýyrmalaryny ýa-da kemeltmelerini salgyt salmagyň maksatlary üçin bermäge borçly hökmünde düşündirilmeli däldir.

3. 9-njy Maddanyň 1-nji böleginiň, 11-nji Maddanyň 8-nji böleginiň ýa-da 12-nji Maddanyň 6-njy böleginiň ulanylýan ýagdaýlaryndan başga halatlarda, bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna geçirilýän göterimler, roýaltiler we beýleki tölegler şeýle kärhananyň

salgyt salynýan peýdasyny kesgitlemek maksady bilen, olar birinji bellenen Döwletiň dahyllysyna tölenilişi ýaly şertlerde hasaplanyp aýrylmaga degişlidir.

4. Bir Şertleşýän Döwletiň maýasy beýleki Şertleşýän Döwletiň bir ýa-da birnäçe dahyllysyna dolulygyna, ýa-da bölekleýin degişli, ýa-da bir ýa-da birnäçe dahyllysy tarapyndan göni, ýa-da gytaklaýyn gözegçilik edilýän kärhanasy birinji bellenen Döwletde şol birinji bellenen Döwletiň şoňa meňzeş beýleki kärhanalarynyň sezewar edilýän salgyt salynmasyndan we onuň bilen baglanyşykly borçnamalardan başga ýa-da has agyrlaşdyrylan salgyt salynma ýa-da onuň bilen baglanyşykly borçnama sezewar edilmeýär.

5. 2-nji Maddanyň düzgünlerine garamazdan, şu Maddanyň düzgünleri islendik kysymly we görnüşli salgytlar babatda ulanylýar.

## 25-nji madda
## ÖZARA YLALAŞMAK AMALY

1. Eger tarap Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem hereketleri oňa şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyk gelmeýän görnüşde salgyt salynmagyna getirýär ýa-da getirer diýip hasap edýän bolsa, ol şol Döwletleriň milli kanunçylygynda göz öňünde tutulan goranyş serişdelerine garamazdan, öz işini dahyllysy bolup durýan Şertleşýän Döwletiniň ygtyýarly edaralaryna ýa-da eger onuň bilen baglanyşykly ýagdaý 24-nji Maddanyň 1-nji bölüminiň täsirine düşýän bolsa, milli tarapy bolup durýan Döwletiniň ygtyýarly edaralaryna garamak üçin berip biler. Arza Ylalaşygyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgyt salynmagyna getirýän hereketler barada habarnamanyň alnan pursadyndan üç ýylyň dowamynda berilmelidir.

2. Eger ygtyýarly edara arzany esasly hasaplasa we eger onuň özüniň kanagatlanarly çözgüde gelmäge mümkinçiligi bolmasa, ol Ylalaşyga laýyk gelmeýän salgyt salynmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, beýleki Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasy bilen özara ylalaşyp, meseläni çözmäge çalşar. Gazanylan islendik ylalaşyk Şertleşýän Döwletleriň içerki kanunçylyklarynda bar bolan haýsydyr bir wagt çäklendirmelerine garamazdan, ýerine ýetirilmelidir.

3. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary özara ylalaşyk boýunça Ylalaşyk düşündirilende we ulanylanda ýüze çykýan islendik kynçylyklary ýa-da şübhelenmeleri çözmäge çalyşýarlar. Şeýle hem olar Ylalaşykda göz öňünde tutulmaýan halatlarda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak üçin, birek-birek bilen geňeşip bilerler.

4. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary ýokardaky bölümlere düşünmekde ylalaşyk gazanmak maksady bilen, biri-biri bilen göni gatnaşyk edip bilerler. Eger ylalaşyk gazanmak üçin bu maksada laýyk bolsa, Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralarynyň wekilleri dilden pikir alyşmak üçin duşuşyp bilerler.

## 26-njy madda
## MAGLUMATLARY ALYŞMAK

1. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Ylalaşygyň düzgünlerini ýerine ýetirmek üçin ýa-da Şertleşýän Döwletleriň Ylalaşygyň degişli, şol kanunçylyk boýunça salgyt salynmagy Ylalaşyga ters gelmeýän içerki kanunçylygyny dolandyrmak ýa-da amala aşyrmak üçin, şeýle hem şeýle salgytlardan boýun gaçyrylmagyny aradan aýyrmak üçin maglumatlary alyşýarlar. Maglumatlary alyşmak 1-nji we 2-nji Maddalar bilen çäklenmeýär.

2. 1-nji bölüme laýyklykda, Şertleşýän Döwlet tarapyndan alnan islendik maglumat şol Döwletiň içerki kanunçylygynyň çäklerinde alnan maglumat ýaly gizlin maglumat hasaplanýar we diňe Ylalaşygyň degişli salgytlary babatda kesgitlemek ýa-da ýygnamak, mejbury töletdirmek ýa-da kazyýet tarapyndan yzarlamak, ýa-da apellýasiýalara seretmek bilen meşgullanýan taraplara ýa-da edaralara (şol sanda kazyýetlere we dolandyryş edaralaryna) habar berilýär.

3. Hiç bir halatda 1-nji bölümiň düzgünleri Şertleşýän Döwletleriň islendigini:

a) şol ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň kanunçylygyna ýa-da dolandyryş tejribesine gapma-garşy gelýän dolandyryş çärelerini geçirmäge;

b) şol ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň kanunçylygy boýunça ýa-da adaty dolandyryş tejribesiniň barşynda alnyp bolunmajak maglumatlary bermäge;

ç) haýsy-da bolsa bir söwda, telekeçilik, senagat, täjirçilik ýa-da hünär syryny, ýa-da söwda işini äşgär edýän maglumatlary, ýa-da äşgär edilmegi döwlet syýasatyna (jemgyýetçilik tertibine) gapma-garşy geljek maglumatlary bermäge borçly edýän hökmünde düşündirilmeli däldir.

## 27-nji madda
## DIPLOMATIK WEKILÇILIKLERIŇ WE KONSULLYK EDARALARYNYŇ AGZALARY

Şu Ylalaşygyň hiç bir düzgünleri diplomatik wekilçilikleriň ýa-da konsullyk edaralarynyň gullukçylarynyň halkara hukugynyň umumy kadalary bilen ýa-da ýörite ylalaşyklar esasynda bellenen salgyt ýeňilliklerine täsir etmeýär.

## 28-nji madda
## GÜÝJE GIRIZMEK

1. Şu Ylalaşyk onuň güýje girmegi üçin zerur bolan içerki döwlet amallarynyň tamamlanandygyny görkezýän ýazmaça görnüşdäki habarnamalaryň soňkusynyň alnan senesinden soňra otuzynjy gün güýje girer we onuň düzgünleri:

a) çeşmeden – Ylalaşygyň güýje giren ýylynyň yzyndan gelýän senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da birinji ýanwaryndan soňra alynýan girdejilerden alynýan salgytlar babatda;

b) beýleki salgytlar – Ylalaşygyň güýje giren ýylynyň yzyndan gelýän senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da birinji ýanwaryndan soňra başlanýan islendik salgyt ýylynda tölenmäge degişli salgytlar babatda ulanylar.

**29-njy madda**

**HEREKETINI BES ETMEK**

Şu Ylalaşyk Şertleşýän Döwletleriň biri onuň güýjüni ýatyrýança güýjünde galýar. Şertleşýän Döwletleriň her biri Ylalaşygyň güýje giren senesinden bäş ýyllyk döwrüň yzyndan gelýän islendik senenama ýylynyň gutarmagyna çenli alty aýdan gijä galman, onuň güýjüni ýatyrmak baradaky ýazmaça habarnamany diplomatik ýollar arkaly bermek bilen, Ylalaşygyň güýjüni ýatyryp biler. Şeýle halatda Ylalaşyk:

a) çeşmeden – habarnamanyň berlen ýylynyň yzyndan gelýän senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da birinji ýanwaryndan soňra alynýan girdejilerden alynýan salgytlar babatda;

b) beýleki salgytlar – habarnamanyň berlen ýylynyň yzyndan gelýän senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da birinji ýanwaryndan soňra başlanýan islendik senenama ýyly üçin tölenmäge degişli salgytlar babatda öz hereketini bes edýär.

MUNY TASSYKLAMAK ÜÇIN, degişli derejede ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Ylalaşyga gol çekdiler.

Aşgabat şäherinde 2009-njy ýylyň «13» dekabrynda türkmen, hytaý, rus we iňlis dillerinde her biri iki asyl nusgada amal edildi, özi-de ähli nusgalaryň birmeňzeş güýji bardyr. Nusgalary düşündirmekde tapawutlar dörän halatda iňlis dilindäki nusga esas hökmünde alnar.

| Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan | Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan |
|---|---|

**Konwensiýa 30.05.2010 ýylda güýje girdi**

**Girdejiler üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we fiskal boýun gaçyrmanyň öňüni almak hakynda Ylalaşyga Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda**

**TESWIRNAMA**

Girdejiler üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we fiskal boýun gaçyrmanyň öňüni almak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga gol çekilen pursadynda taraplar şu düzgünleriň şu Ylalaşygyň aýrylmaz bölegini düzýändigi barada ylalaşdylar:

1. Şu Ylalaşyk Şertleşýän Döwletleriň salgyt salmak ugrunda öz ýurisdiksiýasyny amala aşyrýan suw çäkleri babatda ulanylýar.

2. 5-nji madda (HEMIŞELIK WEKILÇILIK) we 7-nji madda (TELEKEÇILIK IŞINDEN ALYNÝAN PEÝDA) babatda

5-nji maddanyň 2-nji böleminiň «f» kiçi böleminiň düzgünlerine garamazdan, tebigy baýlyklary gözlemek, çykarmak we işläp geçmek bilen baglanyşykly şahtadaky, nebit ýa-da gaz guýusyndaky, karýerdäki, ýa-da islendik beýleki ýerdäki işe diňe 7-nji maddanyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenýän salgyt salynýan peýda ýüze çykýan bolsa, şu Ylalaşygyň öz içine alýan salgytlary salynýar.

3. 7-nji madda (TELEKEÇILIK IŞINDEN ALYNÝAN PEÝDA) babatda

Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň baş ýolbaşçy edarasy tarapyndan ýa-da onuň şahamçasy tarapyndan islendik taraplara, beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşen hemişelik wekilçilige 3-nji bölüme laýyklykda paýlanýan hyzmatlar üçin dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylary görnüşinde tölenýän töleglere (11-nji maddanyň 7-nji bölüminde bellenen göterimler we 12-nji maddanyň 5-nji bölüminde gürrüňi edilýän roýaltiler muňa girmeýär) şol beýleki Şertleşýän Döwletde çeşmelerden alnan girdejiler hökmünde garalmaýar.

MUNY TASSYKLAMAK ÜÇIN, oňa degişli derejede ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Ylalaşyga gol çekdiler.

Aşgabat şäherinde 2009-njy ýylyň «13» dekabrynda türkmen, hytaý, rus we iňlis dillerinde her biri iki nusgada amal edildi, özi-de ähli nusgalaryň birmeňzeş güýji bardyr. Nusgalaryň arasynda çaprazlyklar ýüze çykan halatynda iňlis dilindäki nusga beýleki nusgalardan ileri tutular.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan** | **Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan** |